Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2019-njy ýylyň 18-nji noýabryndaky
№ 126 buýrugy bilen tassyklanyldy

**№ 1-harajat «Oba hojalyk kärhanalarynyň önüm öndürmekde çykaran harajatlary barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça GOLLANMA**

№ 1-harajat **«Oba hojalyk kärhanalarynyň önüm öndürmekde çykaran harajatlary barada hasabat»** döwlet statistik formasy daýhan birleşikleri, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kömekçi hojalyklary tarapyndan ýylda bir gezek doldurylyp ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden okarda durýan edarasyna tabşyrýarlar.

Bu hasabat oba hojalyk önümleriniň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek, önümçilik harajatlarynyň düzümini öwrenmek we milli hasaplar ulgamyny düzmek üçin zerur görkezijileri öz içine alýar.

1-nji sütünde ähli önümçilik harajatlary barada maglumatlary ýylyň başyndan başlap ähli döwür içinde, degişli döwürleriň hereket edýän nyrhlarynda ösýän jem bilen alynýar. 2-sütünde ekerançylyga, 3-sütünde bolsa maldarçylyga çykarylan harajatlar görkezilýär.

01-nji **«Önümleriň, ýerine ýetirilen işleriň, hyzmatlaryň gymmaty (hereket edýän nyrhlarda)»** diýen setirde hereket edýän nyrhlarda öndürilen önümleriň (ýerine ýetirilen işleriň, hyzmatlaryň) gymmaty görkezilýär.

02-nji **«Önümleri öndürmek (işleri we hyzmatlary ýerine ýetirmek) üçin çykarylan harajatlar»** diýen setirde daýhan birleşikleriň, ministrlikleriň we pudak edaralaryň kömekçi hojalyklarynyň önümleri öndürmek (işleri, hyzmatlary ýerine ýetirmek) boýunça çykarylan ähli harajatlar we ekerançylyga, maldarçylyga çykarylan harajatlar barada maglumatlar aýry sütünlerde görkezilýär.

03-nji **«Zähmet haky üçin harajatlar»** diýen setirde daýhan birleşikleriniň we ministrlikleriň we pudak edaralaryň kömekçi hojalyklarynyň esasy önümçilikdäki işgärleriniň zähmet hakynyň harajatlary, işçileriň we gullukçylaryň önümçiligiň netijeleri üçin sylaglary, höweslendiriji we öwezini dolujy tölegleri goşmak bilen, şeýle hem kärhananyň esasy işgärleriniň düzümine girmeýän, esasy işde meşgul bolýan işgärleriň zähmet hakynyň harajatlary görkezilýär.

04-nji **«Durmuş hajatlary üçin tölegler»** diýen setirde kanun esasynda kesgitlenen kadalara laýyklykda ätiýaçlandyryş edaralaryna hökmany tölegler görkezilýär.

Meýletin saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasy we kärhanalaryň (guramalaryň) işgärleriniň meýletin ätiýaçlandyrmasynyň beýleki görnüşleri önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna goşulmaýar we 4-nji setirde görkezilmeýär.

05-nji **«Maddy harajatlar - hemmesi»** diýen setirde keseki kärhanalardan satyn alynýan çig mallaryň we materiallaryň, ýangyjyň, energiýanyň ähli görnüşleriniň, tebigy çig malyň, keseki kärhanalaryň (guramalaryň) ýerine ýetirilen önümçilik häsiýetli işleriniň we hyzmatlarynyň gymmaty, tebigy ýitginiň kesgitlenen möçberiniň çäklerinde maddy serişdeleriň ýetmezçiliginden çekilen zyýany goşup görkezilýär.

06-njy **«maddy serişdeler we çig mallar»** diýen setirde oba hojalyk ekinleriniň ähli görnüşleriniň tohumlary, nahallary, şitiller (hojalykda öndürileni we satyn alnany); mallar we guşlar üçin ot-iýmler, hat-da jüýjeleri iýmitlendirmek üçin ýumurtga, bal arylaryny iýmitlendirmek üçin bal we şeker, ýüpek gurçuklaryny iýmitlendirmek üçin tut ýapraklarynyň we beýleki çig mallaryň we maddy serişdeleriň gymmaty görkezilýär.

07-nji **«organiki we mineral dökünleri almak üçin çykdajylar»** diýen setirde dökünleriň görnüşine, hiline, nireden satyn alnandygyna garamazdan olara çykarylan harajatlaryň gymmaty görkezilýär.

08-nji **«ýangyç-çalgy serişdeler»** diýen setirde ýangyçlaryň, ýaglaryň, çalgy serişdeleriniň görnüşine garamazdan olara çykarylan harajatlaryň jemi gymmaty görkezilýär.

09-njy **«ot-iýmler»** diýen setirde mal üçin dürüşdäniň ähli görnüşleriniň (sarun, künjara, kepek, şulha we beýlekiler) harçlanan gymmaty görkezilýär.

10-njy **«gaýry kärhanalaryň hyzmatlary üçin tölegler»** diýen setirde keseki guramalaryň ýerine ýetiren önümçilik häsiýetli işleriniň we hyzmatlarynyň (önümi öndürmek, çig mallary we maddy serişdeleri işläp bejermek boýunça aýratyn işleriň ýerine ýetirilmegi, sarp edilýän çig mallaryň we materiallaryň hilini kesgitlemek üçin barlag geçirmek, ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak, topragy dermanlamak we beýleki agrotehniki işler – zootehniki, weterinar we ulag hyzmatlaryny ýerine ýetirmek we ş.m.) gymmaty görkezilýär.

11-nji **«gaýry»** diýen setirde maddy harajatlaryň ýokarda sanalyp geçilen görnüşlerinden beýleki görnüşleri şu setirde görkezilýär.

12-nji **«Gaýry harajatlar»** diýen setirde önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna girýän, ýöne özüniň häsiýeti boýunça önümçiligiň gaýry harajatlaryny düzýän ýokarda agzalyp geçilenleriň hiç birine göni goşup bolmaýan hemme harajatlar (oba hojalyk hyzmatlary üçin tölegler, eger-de olar maddy däl hyzmatlara degişli edilen bolsa, önümiň şahadatnamasy (ygtyýarnamasy) boýunça işleriň tölegi, kepillendirilen abatlaýyşyň we hyzmat etmegiň harajatlary, kärhananyň (guramanyň) esasy işgärleriniň düzümine girmeýän terjimeçiniň hyzmatynyň tölegi we başgalar) we beýleki çykdajylar görkezilýär.

13-nji **«iş sapar çykdajylary»** diýen setirde iş sapar çykdajylary, ýagny zähmet hakynyň harajatlarynyň umumy jeminden kanun esasynda kesgitlenen kadalara laýyklykda önümçilik işi bilen bagly iş saparynyň gündelik harajatlarynyň töleg gymmaty görkezilýär.

14-nji **«kärende tölegleri»** diýen setirde kärende şertnamasy esasynda kärende tölegine goşulan ulanyş tölegleriň we abatlaýyş üçin serişdeleriň möçberine gabat gelýän böleginde jaýlaryň, desgalaryň, maşynlaryň we enjamlaryň, şeýle hem oba hojalyk mallarynyň kärende tölegi görkezilýär.

15-nji **«bankyň karz göterimleri we maliýe hyzmatlary üçin tölegler»** diýen setirde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenen göterimiň derejesiniň çäginde banklaryň karzlary üçin göterim tölegleri baglanylyşan şertnamalara laýyklykda söwda-dellallyk işlerini ýerine ýetirmek boýunça, hasaplary ýöretmek we barlamak boýunça, banklaryň edaralarynyň üstünden kärhanalaryň (guramalarynyň) işgärlerine aýlyk hakyny bermek we ş.m. hyzmatlaryň tölegleri görkezilýär.

16-njy **«maddy däl hyzmatlara tölegler»** diýen setirde keseki guramalaryň ýerine ýetiren hyzmatlarynyň töleginiň kanunda kesgitlenen tertibe laýyklykda önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan bölegi görkezilýär.

17-nji setirde **«gaýry harajatlaryň beýleki görnüşleri»** diýen setirde önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýan salgytlar we ýygymlar, býujetden daşary gaznalara edilýän tölegler, hökmany ätiýaçlyk tölegleri, oýlap tapyjylyk we täzelikçilik teklipler üçin sylaglar, gündelik we ýol tölegleri, abatlaýyş gaznasyna edilýän tölegler, maddy däl hyzmatlaryň tölegi we beýleki çykdajylar görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy**
**we seljerişi müdirligi**